Ösýän adam bedeniniň, onuň synalar ulgamlarynyň, synalarynyň, dokumalarynyň wezipeleriniň amala aşyrylyşynyň aýratynlyklary gadymy döwürlerden bäri ünsi özüne çekip gelipdir. Emma XX asyra çenli ösýän bedeniň fiziologiýasy baradaky maglumatlar örän dagynyk häsiýete eýe bolupdyrlar.

Ýaş morfologiýasy we fiziologiýasy boýunça ähmiýetli işleriň biri 1906-njy ýylda Russiýadaçap edilen N.P.Gundobiniň “Çaganyň ýaş aýratynlyklary” (Особенностидетскоговозраста) diýen işi hasaplanýar. Onuň bu işi esasan-da çaganyň bedeniniň anatomiýasyny ýazyp beýan etmäge bagyşlanandyr. Şundan soňra Rusiýada çagany öwrenmeklige bolan üns has-da güýçlenipdir. 1918-nji ýyldan başlap, rusiýanyň dürli şäherlerinde çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça ylmy barlag institutlary we laboratoriýalary döredilipdir. Bu edaralaryň wezipeleri çagalaryň we ýetginjekleriň ösüşini öwrenmeklige ünsi çekmekden ybarat bolupdyr. 1944-nji ýylda bolsa, mekdep gigiýenasy ylmy-barlag instituty döredilýär hem-de onuň çäginde ýörite ýaş morfologiýasy we fiziologiýasy diýen bölüm işläp başlaýar. 1949-njy ýylda ol instituta dürli üýtgeşmeler girizilýär hem-de bedenterbiýe we mekdep gigiýenasy instituty diýlip atlandyrylýar. Emma 1954-nji ýylda bu institutaýene özgertmeler girizilýär hem-de ol 1968-nji ýyla çenli ýas fiziologiýasy we bedenterbiýe instituty diýen ady alýar. 1968-njiýyldan başlap bolsa, oňa çagalaryň we ýetginjekleriň fiziologiýasynyň ylmy-barlag instituty diýlip at berilýär.

Ozalky Soýuzyň çäklerinde Mugallymçylyk ylymlarynyň akademiýasy ýaş fiziologiýasy we morfologiýasy boýunça barlaglary geçirmekde ugrukdyryjy (koordinirleýji) merkeze öwrülýär. Yaş fiziologiýasy, morfologiýasy, biohimiýa boýunça geçirilen maslahatlardyr işewür duşuşyklar ýaş aýratynlyklarynyň fiziologiýasynyň kämilleşmeginde we ösmeginde uly ähmiýete eýe boldy.

N.P.Gundobiniň kitaby neşir edilenden soňraky 50-60 ýylyň dowamyndaky toplanan maglumatlaryň ählisi “Çagalaryň we ýetginjekleriň anatomo-fiziologiki aýratynlyklary” atly kitapda ýerleşdirilipdir. Ýaş aýratynlyklarynyň fiziologiýasy lukmançylyk, mugallymçylyk, psihologiýa ýaly birnäçe ylymlaryň esasy bolup hyzmat edýär.

Pediatriýa, çaga hirurgiýasy, çagalaryň we ýetginjekleriň gigiýenasy ýaly örän köp lukmançylyk pudaklary ýaş aýratynlyklarynyň fiziologiýasynyň maglumatlaryna bil baglaýarlar. Şol sebäpli hem olar ýaş aýratynlyklarynyň fiziologiýasynyň gazananlaryny doly ulanýarlar, şol bir wagtda fiziologiýa bilen baglanyşykly bolan ylmy pudaklaryň ösmegine ýardam edýärler.

Все права защищены

save pdf date >>> 06.03.2025

**Maýa AŞYROWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Lukmançylyk fizikasy we informatikasy kafedrasynyň mugallymy**

Все права защищены